# Uklatmañ meni!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Uklatmañ meni! UKLATMAÑ MENI!



Bulutlar goýalyp gaýmak bolanda,
Asmanyñ ýüzüne örtse perdesin.
Kemşerilip damjak-damjak bolanda,
Gübürdäp ýyldyrym ýyrtsa kürtesin.
Aglasa gygyryp bir nagra dartyp,
Derdinişip içim dökjek ses edip.
Diýmäñler!
«Bu nadan goýmady artyp»
Ýadadym,
Ýadadym indi bes ediñ!

Gije ukyny-da günäläp ýörün,
Gündiz oýa wagtym gara basanda.
Erbetlige ýorup edindim yrym,
Gargalar gagyldap gargynyşanda.

Her zadyñ çägi bar, çeni-çaky bar,
Kemçiligmi kemediñiz keýpine.
Dilim kemterligin ýüzüme basyp,
Ýöne keýpine…
Degişmeleñ gahrymany etdiñiz!

Öz adymdan başga ýene at dakyp,
Azan aýtman gulagyma çekdiñiz!

Oba çykmaga-da galmady ýüzüm,
Öz öýümden beri jyklatmañ meni!
Wadañyz, andyñyz ýalan bar sözem,
Uklatmañ meni!

© Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular